**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 26-njy oktýabryndaky №89-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

# GOLLANMA

## №17-saglyk „Saglygy goraýyş edaralarynyň wezipe birlikleri we işgärleri barada hasabat” (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça

№17-saglyk „Saglygy goraýyş edaralarynyň, wezipe birlikleri we işgärleri barada hasabat” ýyllyk statistik formasy boýunça Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ähli edaralary, guramalary hem-de pudaklaryň edaralary tarapyndan bellenen tertipde tassyklanan wezipe sanawyna we gözegçilik sanawlaryna laýyklykda, hasabat ýylynyň 31-nji dekabry ýagdaýyna düzülýär.

Barlag sanawy döwlet statistik hasabatlylygynyň formasy bilen bile berlip, ol ýokary we ýörite orta saglygy goraýyş bilimli hünärmenlere hasabat ýylynyň 31-nji dekabry ýagdaýyna şu aşakdaky görnüş boýunça düzülýär:

1. Familýasy, ady, atasynyň ady.
2. Doglan ýyly.
3. Milleti.
4. Tamamlan ýokary (orta), ýörite okuw mekdebi, fakulteti, hünäri we tamamlan ýylyny görkezmek bilen.
5. Wezipesi, işe kabul edilen senesi.
6. Haýsy kwalifikasion dereje berildi we haýsy hünär boýunça.

Göwrelilik we çaga 3 ýaşaýança seretmek rugsadyndaky aýallary barlag sanawa aýratyn goşmaça hökmünde goşmaly.

Wezipe birlikleriniň we eýelenen wezipe birlikleriniň sany baradaky maglumatlar edara boýunça umumylykda onuň düzüm birliklerini goşmak bilen görkezilýär.

Eger-de edaranyň düzüminde býujet hem hojalyk hasaplaşygyndaky gurluşy bar bolan ýagdaýynda, onda iki sany hasabat formasy doldurylýar (birinji býujet boýunça, ikinji bolsa hojalyk hasaplaşygy boýunça). Diňe býujet ýa-da diňe hojalyk hasaplaşygyndaky edaralar bir hasabat formasyny dolduryarlar.

## 1 BÖLÜM.
## LUKMANLARYŇ WEZIPELERI

1-nji bölüme, edara boýunça wezipe birlikleri, eýelenen wezipe birlikleri we esasy işgärleriň ählisi girýär.1-nji sütün, ýyllyk formanyň tabşyrylýan wagty edara boýunça soňky tassyklanan wezipe sanawy esasynda doldurylýar.

1-nji sütüne, edara boýunça wezipeleriň umumy sany girýär.

Ähli hassahanalar, 1-nji we 3-nji sütünleri wezipe sanawyna laýyklykda dolduryarlar. Her bir lukman esasy işgär hökmünde özüniň eýeleýän wezipesi boýunça diňe birinji setirde görkezilýär, onuň eýeleýän wezipeleriniň sanyna garamazdan. Eger-de, lukman bir hünär boýunça wezipe eýeleýän bolsa, ýöne şol ýa-da başga hünäriň bir bölegini goşmaça eýeleýän bolsa, onda ol esasy işgär hökmünde esasy eýeleýän wezipesi boýunça, ýagny 01-nji setirde görkezilýär.

1-nji we 2-nji sütünlere meňzeşlikde 3-nji we 4-nji sütünler doldurylýar, ýöne hassahana boýunça.

5-nji we 6-njy sütünde lukmanlaryň esasy işgärleriniň sany baradaky maglumatlar doldurylanda göz öňünde tutmaly zat, lukmany ol ýa-da beýleki hünäre bolünende onuň medisina institutynda, kurslarda, kliniki ordinaturada alan hünäri däl-de wezipe sanawy bilen kesgitlenýär.

5-nji sütüne, hasabat döwrüniň 31-nji dekabry ýagdaýyna işgärleriň ählisi goşulýar. Bu sütüne esasy işiniň daşyndan işleýänler girmeýärler , şeýle hem barlag sanawynda görkezilmeýär. 5-nji sütüne şeýle hem çaga üç ýaşaýança haksyz serediş rugsadyndaky işgärler girmeýär. 6-njy sütünde çaga üç ýaşaýança haksyz serediş rugsadyndaky işgärler görkezilýär. 7-nji sütünde 5-nji we 6-njy sütünlerden aýratynlykda aýal gyzlar görkezilýär.

8-nji sütünde "diňe ýokary saglygy goraýyş bilimli lukmanlar " bu sütüne lukmançylyk institutyny gutaranlar (prowizorlardan başgalary) we diňe saglygy goraýyş bilimi bolan şahslar girizilýär, çaga üç ýaşaýança haksyz serediş rugsadyndaky işgärler girizilmeýär. Ýokary bilimi bolan ,emma saglygy goraýyş bilimi bolmadyk, ýöne lukmançylyk wezipesini eýeleýän işgärler bu sütüne girizilmeýär. 9-njy sütünde "diňe ýokary saglygy goraýyş bilimli lukmanlardan " çaga üç ýaşaýança haksyz serediş rugsadyndaky işgärler görkezilýär.

11-nji sütüne 5-nji we 6-njy sütünlerden hassahanada işleýänler girizilýär ( göwreliler we 3 ýaşyna çenli çaga seretmek boýunça rugsadyndakylar bilelikde görkezilýär).

01-nji setire „Lukmanlaryň sany, hemmesi" lukmanlaryň wezipeleri girýär (setirleriň jemi 02-05; 06; 07; 08; 09-37; 38; 39; 40; 41;42;43 ).

Eger-de, lukman stomatologyň wezipe birliginde diş lukmany işleýän bolsa, onda ol esasy işgär hökmünde 38 (stomatologlar) setirde görkezilýär.

Eger-de, 1-nji bölümiň sanawynda göz öňünde tutulmadyk lukmanlaryň hünärleri edarada bar bolsa, onda olar baradaky maglumatlar 43-nji setirde görkezilmeli we 43.1-nji - 43.13-nji setirler boýunça haýsy hünärlerdigi sanalyp görkezilýär.

Bölüm müdirleriň wezipeleri, hünär boýunça lukmanlaryň wezipelerine degişlidir (mysal üçin, hirurgiýa bölüminiň müdiri-hirurglara, ýokanç keseller bölüminiň müdiri - ýokanç keseller lukmanlaryna), maşgala bölümleriniň müdirlerinden başgalar .

Edaranyň dürli gurluş bölümlerine degişli lukmanlaryň we orta saglygy goraýyş bilimli işgärleriniň bir meňzeş hünärli wezipeleri umumy san bilen görkezilýär (mysal üçin, aýallara maslahat berişdäki we çaga dogurulýan ýa-da hassahananyň ginekologiýa bölümlerindäki akuşer-ginekolog wezipeleri; hassahanada, saglyk öýünde we onuň çaga bölümindäki oftalmolog wezipeleri; kliniki- anyklaýyş we biohimiki barlaghanalaryň lukman laborant wezipeleri).

Eger-de, 1-nji bölümiň sanawynda lukmanlaryň umumy sanyndan ylmy iş bilen meşgullanýanlar bar bolsa, onda olar baradaky maglumatlar 44-nji setirde görkezilmeli. 45-nji setirde pensiýa ýaşyndaky esasy işçileriň sany barada maglumatlar görkezilýär. 45.1-nji setirde pensiýa ýaşyndaky işgärler jynsy aýratynlygyna laýyklykda görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## ORTA SAGLYGY GORAÝYŞ IŞGÄRLERINIŇ WEZIPELERI

2–nji bölüm hem 1-nji bölüm ýaly doldurylýar 01-01.18-nji setirlerde, wezipe sanawynda görkezilen orta saglygy goraýyş bilimi bolan we tamamlanan orta saglygy goraýyş bilimi bolmadyk ähli saglygy goraýyş işgärleri barada maglumatlar görkezilýär.

1-nji setire ‚orta saglygy goraýyş işgärleri, hemmesi" 01.1-01.18-nji setirdäki sanlaryň jemi girýär.

5-nji sütünde orta saglygy goraýyş işgärleriniň sany baradaky maglumatlar doldurylanda göz öňünde tutmaly zat, olaryň lukmançylyk mekdeplerinde, ýörite kurslarda alan hünärleri däl-de wezipe birligi bilen kesgitlenýär.

Eger-de, edarada orta saglygy goraýyş işgärleriň wezipesi bar bolsa, ýöne hünäri 2-nji bölüminiň sanawynda göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda olar baradaky maglumatlar 01.18-nji setirde görkezilmelidir we bu setire goşulan hünärleriň düşündirilişi berilmelidir.

Eger-de, orta saglygy goraýyş işgärleriniň umumy sanyndan ylmy iş bilen meşgullanýanlar bar bolsa, onda olar barada maglumatlar 02-nji setirde görkezilýär. 03-nji setirde pensiýa ýaşyndaky orta saglygy goraýyş işgärleriniň esasy işgärleriniň sany görkezilýär. 03.1-nji setirde pensiýa ýaşyndaky işgärler jynsy aýratynlygyna laýyklykda görkezilýär.

## 3 BÖLÜM.
## KIÇI SAGLYGY GORAÝYŞ IŞGÄRLERINIŇ WEZIPELERI

3-nji bölümde „kiçi saglygy goraýyş işgärleriniň wezipeleri” 1, 2-nji sütünlerde edara boýunça ähli wezipe birlikleri, eýelenen wezipeleri we kiçi saglygy goraýyş işgärleriniň ählisiniň (hojalyk uýalary, umumy ideg boýunça kiçi şepagat uýasy, sanitarlar we ş.m.) sany görkezilýär. 3, 4, 8-nji sütünler hassahanalar boýunça doldurylýar.

02-nji setirde esasy işgärleriniň, pensiýa ýaşyndaky kiçi lukmançylyk işgärleriniň sany görkezilýär. 02.1-nji setirde pensiýa ýaşyndaky işgärler jynsy aýratynlygyna laýyklykda görkezilýär.

## 4 BÖLÜM.
## PROWIZORLARYŇ WE FARMASEWTLERIŇ WEZIPELERI

Bu bölümde býujet hem hojalyk hasaplaşygyndaky prowizorlaryň wezipeleri 01-nji setirde, farmasewtleriň wezipeleri bolsa 02-nji setirde görkezilýär.

01.1-nji setirde pensiýa ýaşyndaky prowizorlaryň sany görkezilýär. 01.2-nji setirde pensiýa ýaşyndaky işgärler jynsy aýratynlygyna laýyklykda görkezilýär.

02.1-nji setirde pensiýa ýaşyndaky farmasewtleriň sany görkezilýär. 02.2-nji setirde pensiýa ýaşyndaky işgärler jynsy aýratynlygyna laýyklykda görkezilýär.

1-nji sütüne, umumy edara boýunça wezipe birlikleriň sany girýär. 3-nji we 4-nji sütünde esasy işgärleriniň sany baradaky maglumatlar doldurylýar. 5-nji sütünde 3 we 4-nji sütünlerden diňe aýal-gyzlar görkezilýär. 6-njy sütünde diňe ýokary saglygy goraýyş bilimliler görkezilýar (bu sütüne lukmançylyk institutyny gutaranlar diňe prowizorlar girýar).

## 5 BÖLÜM.
## BEÝLEKI IŞGÄRLERIŇ WEZIPELERI

5-nji bölümiň 01-nji setirinde beýleki işgärleriň wezipeleri (saglygy goraýyşa degişli bolmadyk) işgärler barada maglumatlar görkezilýär. Bu bölüm, ykdysatçylar, hasapçylar, hojalyk işleri boýunça müdiri, aşhana işgärleri, ýyladyjylar, sürüjiler we saglygy goraýyşa degişli bolmadyk beýleki derejedäki işgärler girizilýär. Şonuň bilen birlikde bu setire saglygy goraýyş ministrliginiň , saglygy–goraýyş guramalaryň, habar-maglumatlar merkezleriniň, lukmançylyk uniwersitetiniň we lukmançylyk orta hünär mekdepleriniň işgärleri girizilýär.

Esasy işgärleriň umumy sanyndan 5-nji sütünde (3-4-nji sütünlerden) aýal gyzlar görkezilär, emma 8-nji sütünde (6-7-nji sütünlerden) ýokary saglygy goraýyş bilimlilerden aýal gyzlar görkezilýär.

Beýleki işgärleriň umumy sanyndan 01.1-nji setirinde ylmy işgärler, 01.2-nji setirinde ýolbaşçylykly-dolandyryjy guramanyň işgärleri (01.2.1-nji we 01.2.2*nji setirlerde) Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň guramalarynyň, edaralarynyň ýolbaşçylary we orunbasarlary görkezilýär.

6-njy sütüniň 01-nji setirini diňe ministrligiň apparaty, saglygy–goraýyş guramalar, habar-maglumatlar merkezi, ylym we mugallym işgärleri dolduryarlar.Bu ýere diňe ýörite ýokary saglygy goraýyş bilimi bolan, lukmançylyk institutyny gutaranlar degişlidirler.

01.2.1-nji we 01.2.2-nji setirlerinde ähli görnüşdäki edaralaryň ýolbaşçylary görkezilýär. 6-njy we 7-nji sütünlerde diňe lukmançylyk institutynda okuwyny gutaran ýokary saglygy goraýyş bilimli hünärmenler görkezilýär.

Ýolbaşçylykly- dolandyryjy gurama degişli işgärler:

Ýolbaşçylar (direktor, başlyk we beýlekiler) we olaryň orunbasarlary.

Bir wagtyň özünde esasy işiň işgärleriniň wezipelerini ýerine ýetirýän kärhanalaryň we olaryň orunbasarlarynyň gurluş bölümleriniň ýolbaşçylary (wezipeleri esasan satyjynyň borçlaryny ýerine ýetirýän dükanlaryň müdiri.)

02.0-nji setirde pensiýa ýaşyndaky beýleki işgärleriň sany görkezilýär. 02.1-nji setirde pensiýa ýaşyndaky işgärler jynsy aýratynlygyna laýyklykda görkezilýär.

03.0-nji setirde pensiýa ýaşyndaky dolandyryjylaryň sany görkezilýär. 03.1-nji setirde pensiýa ýaşyndaky işgärler jynsy aýratynlygyna laýyklykda görkezilýär.

04.0-nji setirde pensiýa ýaşyndaky ýolbaşçylaryň orunbasarlarynyň sany görkezilýär. 04.1-nji setirde pensiýa ýaşyndaky işgärler jynsy aýratynlygyna laýyklykda görkezilýär.
Edaralaryň düzümine girýän gurluş birlikleriniň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary birwagtyň özünde esasy işi hem alyp barýarlar (meselem, dükan müdirleri satyjynyň wezipesini hem alyp barýarlar).

Baş hünärmenler we olaryň orunbasarlary: baş inženerler, baş mehanikler, baş energetikler, baş derňewçiler, merkezleşdirilen hasaphananyň baş hasapçysy we beýleki baş hünärmenler.

- Inženerler, hasaplaýyş tehnikasynyň, maşynlaryň, enjamlaryň gös-göni abadanlaşdyryş, ulanyş işlerine garaýan we tehnika taýdan hyzmat edýänlerden başga
- Ähli ugurlaryň ykdysatçylaryň
- Ähli buhgalteriň atlary (aýlyk hakyny berýän hem-de bank edaralaryna töleg resminamalaryny eltýän kassir-hasapçylary goşmak bilen)
- Inspektorlar
- Derňewçiler
- Hukuk maslahatçylary

**Bellik:**

1. Sürüjiler, bina hyzmat edýän we gorag işgärleri dolandyryjy gurama degişli däl.
2. Gurluş bölümleriniň ýolbaşçylary özüniň garamagynda dolandyryjy gurama degişli bolmadyk iki ýa-da ondanam az işgärleri bar bolsa, onda olaram bu işgärlere degişli däldirler.
3. Baş ykdysatçy, baş inženeriň wezipelerini eýeleýän işgärler ykdysatçy ýa-da inžener we şuňa meňzeşlere laýyklykda hasaba alynýar.
4. Iki atly wezipäni eýeleýän işgärler, wezipäniň birinji ady boýunça hasaba alynýar. Mysal üçin: hasapçy-kassir, “hasapçy” hökmünde, derňewçi-hasapçy, “derňewçi” hökmünde hasaba alynýar.

## 6 BÖLÜM.
## SAGLYGY GORAÝYŞ IŞGÄRLERINIŇ WEZIPELERINIŇ UMUMY SANY

01-nji setirde 1,2,3,4,5-nji bölümler boýunça jemleýji bölümi.
Bu bölümde, döwlet býujetindäki ähli wezipeleriň jemi jemlenýär.
01.1-nji setirde pensiýa ýaşyndaky ähli işçileriň sany görkezilýär. 01.2-nji setirde pensiýa ýaşyndaky işgärler jynsy aýratynlygyna laýyklykda görkezilýär.

## 7 BÖLÜM.
## HÜNÄR DEREJESI BAR BOLAN IŞGÄRLER

7-nji bölümi, «Hünär derejesi bar bolan işgärler» doldurmak üçin, attestasion iş toparynyň beren şahadatnamasy esas bolup durýar.

**Durmuş statistikasy müdirligi**